# Telekesel / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Telekesel / satiriki hekaýa TELEKESEL




Atam nebir gurat maşynyny deger-degmezine satyp, üçegimizde "tarelka" oturtdy, reňkli telewizor edindi. Hormatly dynç alşa çykybam, çökdi "mawy ekranyň" öňüne. Elinde-de edara ediş pultudyr. Görýän programmalaram daşary ýurtlaryň elhenç, pajygaly, depe saçynyň dim-dik edýän gepleşikleridir. Olar gije-gündiziň dowamynda dynjam almaýarlar, saňa-da dynç bermeýärler. Gepleşik berýän kanallaram kän. Ýarym-ýalaňaç zenanlardan doly gepleşikler seniň enter-pelegiňi öwürýär. Adam öldürmek dagy siňek gyrança-da ýok.
Öň atamyň towuk öldürmäge ýüregi bolmazdy. Indi düýäni getiräý, ýarym sagatda şakgalap bersin.
Ol hiç-le. Başga bir zat bizi biynjalyk edýär. Olam atamyň bu ýaşdan soň ýaşlaryň aýdymyny bile gaýtalap başlamagy. Arada ol: "Ýakdylar, ýakdylar, ýakdylar meni" diýip, "mawy ekranyň" öňünde hiňlenmäge durdy. Stoly dep edindi. Aýaklaryny sazyň ritmine goşdy.
– Toba-toba! -diýip, enem ýakasyna tüýkürdi. – "Garry oýnasa gaý bolar, ýaş oýnasa toý bolar".
Başga bir günem ol bizi erbet howsala saldy: "Söýemok diýe-diýe, söýdüm, oglan, men seni" diýip gaýtalamaga başlady. Hiç goýar ýerde goýmady. Ilki bu bolşa gülüşdik. Soňra howsala düşdük.
– Atañy porhana okatmasak bolmaz – diýip enem bir teklibi orta atdy.
Porhana okatdyk. Nepi degmedi. Soň tebibe görkezdik. Ol:
– Atañ keseli wirusly dümewden galandyr – diýip, ot-çöpli

melhem etdi. Ýene-de peýdasy ýok.
Biziñ elewreşip ýörşümiz atamyñ parhyna-da däldi. Ol: "Ýalñyz men, ýalñyz men, ýalñyz men bu gije" diýen aýdymy hezil edinip gaýtalaýardy.
– Bu bagtyýýatan dälihana düşäýmese ýagşy, men-ä gorkmanam duramok – diýip, enem alada galdy.
Ahyrsoñunda atamdan ogrynça üçekdäki "tarelkanyñ" bir ýerini aýyrdyk goýaýdyk. Asyl ol telekesel bolan oguşýan. Indi öz milli telegepleşiklerimize seredýär. Iýip-içmesi, ukusy kadalaşýar. Toýa, sadaka gatnaşýar. Agtyklarynyñ atlaryny ýatda saklajak bolýar. Eneme: "Garyndaş, seni gören ýüzüme meñzedýän" diýdi. Hernä, ol täze asyryñ bosagasynda agyr dertden saplanaýdy…
"Edebiýat we sungat" gazeti, 2000.

Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar